# Orazmyrat Gurbanowyň şahsy sergisi açyldy

2024-nji ýylyň 23-nji iýulynda Türkmenistanyň Çeperçilik sergiler müdirliginiň, Şekillendiriş sungatynyň sergi merkeziniň we Türkmenistanyň Suratkeşler birleşiginiň bilelikde guramaklarynda Türkmenistanyň Suratkeşler birleşiginiň agzasy, heýkeltaraş Orazmyrat Gurabanowyň 70 ýaşynyň dolmagy mynasybetli onuň şahsy sergisi açyldy. Bu barada Salamnews 23-nji iýulda habar berdi.

Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň Şekillendiriş sungaty sergi merkezinde açylan sergide halypa Orazmyrat Gurbanowyň 100-den gowrak nepis sungat eserleri we heýkelleri görkezildi.

Oba durmuşyna belet Orazmyrat Gurbanow heýkeller kompozisiýasyna ýüreginde galan täsirlerini siňdirýär. Keşpleriň dürli-dürliligi we hyjuw heýkeltaraş Gurbanowyň awtorlyk tilsimini beýlekilerden tapawutlandyrýar.

Sergi öz işini 10 gün dowam etdirer.

Все права защищены